Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№8 (58) 2023-nji ýylyň 20-nji marty



*Syýasy teswir*

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**11**-***nji martda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, onuň dowamynda bu ýerde alnyp barylýan işleriň depgini, hususan-da, täze binalaryň açylyş dabarasyna, köpçülikleýin bag nahallaryny ekmegiň ýazky möwsümine görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy. Häzirki döwürde ak mermerli paýtagtymyzda bolşy ýaly, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda, şol sanda Ahal welaýatynyň Arkadag şäherinde halkymyz üçin amatly zähmet, ýaşaýyş we dynç alyş şertleriniň döredilmegi bilen baglanyşykly meselelere döwlet derejesinde uly üns berilýär.

* * *

**14**-***nji martda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalyk bilen duşuşdy. Gahryman Arkadagymyz türkiýeli işewüri mähirli mübärekläp, ilki bilen, doganlyk ýurtda bolup geçen tebigy betbagtçylyk zerarly gurban bolanlaryň dogan-garyndaşlaryna hem-de ýakynlaryna ýürekden gynanç we medet beriji sözlerini, ejir çekenlere bolsa tiz wagtda sagalmaklary baradaky dileglerini beýan etdi.

* * *

**15**-***nji martda*** paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynyň mejlisler zalynda geçirilen Türkmen-tatar işewürlik maslahaty Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmekde nobatdaky ähmiýetli waka öwrüldi.

Ministrler Kabinetiniň 10-njy martda geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Russiýa Federasiýasy hem-de onuň iri sebitleri, şol sanda Tatarystan Respublikasy bilen däp bolan gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryň, giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň we düzümleýin taslamalarynyň amala aşyrylmagynyň hyzmatdaşlygyň ýokary derejesiniň görkezijisi bolup durýandygyny nygtady.

* * *

**15**-***nji martda*** paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ýakyn ýyllarda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirjek döwrebap lukmançylyk desgalarynyň birbada üçüsiniň düýbüni tutmak dabarasy boldy. Lukmançylyk desgalaryň — Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkeziniň, Stomatologiýa merkeziniň we Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşyklaryna hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň fewralynda gol çeken degişli Kararlaryna laýyklykda badalga berildi.

* * *

**16**-***njy martda*** sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Mejlisiniň altynjy çagyrylyşynyň ýigrimi ikinji maslahaty geçirildi. Onda hormatly Prezidentimiz döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna hem-de ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça toplumlaýyn maksatnama laýyklykda işlenip taýýarlanylan Kanunlaryň taslamalarynyň birnäçesine garaldy.

* * *

**16**-***njy martda*** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz ol ýerde Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň çakylygy boýunça Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdan daşary mejlisine gatnaşdy.

Sammitiň gün tertibine adatdan daşary ýagdaýlary dolandyrmak we ynsanperwerlik kömegini bermek, tebigy betbagtçylyklaryň öňüni almak we olaryň netijelerini aradan aýyrmakda tagallalary utgaşdyrmak, täze wehimlere garşy durmagyň çärelerini işläp taýýarlamak ulgamlarynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge degişli meseleler, şeýle-de sebit we halkara meseleleriň möhüm ugurlary girizildi.

* * *

**16**-***17-nji martda*** Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary W.Hajiýewiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Mawritaniýa Yslam Respublikasynyň paýtagty Nuakşot şäherinde geçirilen Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň 49-njy mejlisiniň işine gatnaşdy.

Mejlisiň dowamynda syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylmy we beýleki ugurlar boýunça möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

***«Ýaş diplomatyň sesi».***

## MILLI DIPLOMATIÝANYŇ ÝOKARY MEKDEBINIŇ DURMUŞYNDA TARYHY SENE

***Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy barha üstünliklere tapgyrlara eýe bolýar. Bu, aýratyn hem, häzirki döwrüň möhüm meselelerini çözmekde, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmekde, sebit we dünýä derejesinde Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak üçin amatly şertleri döretmek boýunça halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryna işjeň gatnaşmakda we öňe sürülýän başlangyçlarda aýdyň görünýär.***

**BMG**-*niň* Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy bilen kabul edilen Kararnamasyna laýyklykda, 2023-nji ýylyň «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýlip yglan edilmegi hem biziň döwletimiziň halkara abraýynyň artýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň ilerledilmeginiň bähbidine gönükdirilen syýasy-diplomatiki çäreler Türkmenistanyň diňe bir ähli ýurtlaryň we halklaryň düýpli bähbitlerine laýyk gelýän giň halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen möhüm başlangyçlary öňe sürmek bilen çäklenmän, eýsem dünýä jemgyýetçiliginiň jedelleri parahatçylykly ýollar arkaly çözmek ugrundaky tagallalaryna goldaw bermek maksady bilen, oňyn Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan anyk işleri durmuşa geçirýändiginiň hem aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen milli diplomatiýanyň ýokary okuw mekdebiniň işläp başlanyna şu gün 15 ýyl dolýar. Has anyk aýdylanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörite Permany bilen, 2008-nji ýylyň 20-nji martynda TDIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty döredildi.

Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur paýhasyndan dörän «Diplomatik sungat kuwwatly ylmy binýada esaslanmaly» diýen binýatlyk wesýeti halkara gatnaşyklary ulgamynyň ylmy we usuly üpjünçiliginiň aýgytlaýjy ähmiýetini aýdyň görkezýär. Munuň özi bolsa Milli Liderimiziň geljekki diplomatlary we halkara gatnaşyklary boýunça hünärmenleri taýýarlamakda öňde goýýan wezipeleriniň we kesgitlän sepgitleriniň ýokary derejede wajyplygyna şaýatlyk edýär.

Geçen döwrüň içinde türkmen diplomatiýasynyň ýokary okuw mekdebi döwletimiziň bilim ulgamynda öz orunyň mynasyp ornuny eýeledi. Hormatly Prezidentimiz türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde bilim

2

# MILLI DIPLOMATIÝANYŇ ÝOKARY MEKDEBINIŇ DURMUŞYNDA TARYHY SENE

1

alýan talyplara geljekki diplomatlar üçin halkara derejesinde zerur bolan hünär başarnyklaryna eýe bolmagy, döwletimiziň milli bähbitlerini talabalaýyk derejede goramaga taýýar bolmagy öwretmek üçin ähli şertleri döredýär. Ýaş neslimize döwrebap adamlar bolup ýetişmegi, ylmy-seljeriş







usullary düýpli ele almagy, halkara ýagdaýlaryndan dogry netije çykarmak we çaklamak endiklerini özünde kemala getirmegi sargaýar.

2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda institutyň täze binalar toplumyny açyp, ulanmaga berende diplomatik korpusyň öňünde eden çykyşynda Gahryman Arkadagymyz institutyň talyplaryna ýüzlenip, şeýle diýipdi: «Ýakyn geljekde türkmen diplomatiýa gullugynyň esasyny düzmek, beýleki döwletlerde we halkara guramalarynda, daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda, dünýäniň maglumatlar we hukuk giňişliginde Türkmenistana wekilçilik etmek hut siziň wezipäňiz bolar. Özüňize ýüklenen jogapkärçilige mynasyp bolup, öz Watanyňyzy söýüň, oňa buýsanyň, watançylar boluň, ýöne şunda beýleki ýurtlara we halklara, olaryň taryhyna, medeniýetine, däp-dessurlaryna hormat goýuň. Halkara parahatçylygyny, dostlugy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň hatyrasyna öz ýurdumyza hyzmat etmek siziň borjuňyzdyr. Bu belent ýörelgeler ýol görkeziji şamçyrag, bu gün okuwyňyzyň, ertir bolsa siziň işiňiziň esasy many-mazmuny bolmalydyr».

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň degişli strategiki döwürler üçin Konseptual esaslaryna laýyklykda, talyplara döwrebap bilim bermek üçin okuw meýilnamalary yzygiderli kämilleşdirilýär we olaryň üsti täze dersler bilen doldurylýar. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasy başlangyçlaryny we olaryň täsirli netijelerini öwrenmek, häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýasynyň derwaýys meselelerini seljermek ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda durýar.

Soňky birnäçe ýylyň içinde institutda geljekki diplomatlary we halkaraçy hünärmenleri taýýarlamagyň täze hem döwrebap usullary işe girizildi. Hususan-da, taýýarlygyň magistratura we bakalawr ugurlary açylyp, aspirantura ugurlary kämilleşdirildi.

Gahryman Arkadagymyzyň Karary bilen döredilen merkezleriň, Ýaş diplomatyň mekdebiniň, Strategiki barlaglar merkeziniň çäklerinde alnyp barylýan işler hem toplumlaýyn we innowasion häsiýete eýe boldy. Indi ikinji ýyl geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşikleri hem geljekki talyplary ýüze çykarmakda we olaryň zehin-başarnyklaryny açmakda uly gyzyklanma döreden usula öwrüldi.

> **Geçen 15 ýylyň içinde uçurymlaryň 698-isi instituty tamamlap, şolaryň 102-si tapawutlanan diplomlara mynasyp boldular. Institutyň uçurymlarynyň 75 göterimi ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň ulgamynda, hukuk goraýjy edaralarynda, ykdysady we maliýe toplumynda, telewideniýede, radioda we milli metbugatda zähmet çekýärler.**

Ýokarda aýdylanlar bilen baglylykda, halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary hem-de halkara žurnalistikasy ugrundan taýýarlanýan hünärmenleriň zerurlygy barha ösýär.

Daşary ýurt dillerini bilmeýän halkaraçy hünärmeni göz öňüne getirmek mümkin däl. Şu gün daşary syýasat ugrunyň hünärmenlerinden, azyndan 2 ýa-da 3 daşary ýurt dilini bilmek talap edilýär. Mugallymlaryň işläp düzen iş meýilnamasyna laýyklykda, institutyň talyplary dil bilimini öz hünär aýratynlygyna laýyklykda öwrenýärler. Bu bolsa geljekki hünärmenleriň dil taýýarlygynyň hiliniň gowulandyrylmagyny üpjün edýär. Institutda esasy daşary ýurt dili hökmünde rus, iňlis dilleri öwredilýär, nemes, fransuz, arap, pars, hytaý, ýapon dilleriniň islendik biri ikinji daşary ýurt dili hökmünde öwrenmek üçin hödürlenýär. Talyplara daşary ýurt dillerini öwretmeklik lingafon we sinhron terjime okuw otaglarynda kompýuterleriň, audio we interaktiw enjamlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Talyplaryň nemes dilini çuňňur öwrenmeklerine ýardam bermek maksady bilen, 2010-njy ýylyň maý aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ilçihanasynyň we RWE kompaniýasynyň ýardam bermeginde institutda nemes dili kitaphanasy açyldy. 2015-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň hökümetiniň ýardam bermeginde institutda halkara gatnaşyklary ugrundan türk we iňlis dilindäki edebiýatlaryň baý goruny özünde jemleýän kitaphana açyldy we ol üstünlikli hereket edýär.

Geçen 15 ýylyň içinde uçurymlaryň 698-isi instituty tamamlap, şolaryň 102-si tapawutlanan diplomlara mynasyp boldular. Institutyň uçurymlarynyň 75 göterimi ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň ulgamynda, hukuk goraýjy edaralarynda, ykdysady we maliýe toplumynda, telewideniýede, radioda we milli metbugatda zähmet çekýärler. Şol bir wagtda uçurymlaryň ençemesi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň hususy işewürlik pudaklaryna işe çagyrylýar. Olaryň daşary ýurt dillerini erkin bilmekleri, häzirki zaman iş dolandyryş we halkara telekeçilik başarnyklary iri kompaniýalaryň gyzyklanmalary üçin degerli esas bolup durýar.

Institutda talyplaryň saýlap alan hünärleri boýunça çuňňur we düýpli bilimleri ele almaklary üçin ähli zerur şertler döredilendir. Professor-mugallymlar innowasion serişdelerden peýdalanmak arkaly talyplara nazary bilimleri we amaly endikleri öwretmekde täze usullary durmuşa ornaşdyrýarlar.

Institutda talyplaryň bilim almaklary olaryň ylmy-barlag işleri bilen utgaşykly alnyp barylýar. Olara ylmy-barlag we seljerme-çaklaýyş işleriniň esaslaryny öwretmek, institutyň öňünde goýlan möhüm wezipeleriň hataryndadyr. Bu babatda, hususan-da, halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri boýunça ylmy barlaglary guramak, monografiýalary, okuw kitaplaryny we beýleki gollanmalary taýýarlamak boýunça 15 ýylyň içinde gymmatly tejribe toplanyldy. Şu wagta çenli institutyň mugallymlarynyň gatnaşmagynda 60-a golaý kitap çap edilip, olaryň 50 töweregi okuw kitaby we 5-si monografiýadyr.

Institutda 2018 — 2023-nji ýyllara niýetlenen «Türkmenistanyň daşary-syýasy strategiýasynyň we diplomatiýasynyň ylmy esasda ösdürilmegi» atly köpçülikleýin ylmy iş alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň energetika, ulag, ekologiýa, medeni, sport diplomatiýasy boýunça halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmek babatynda ylmy-barlag işleri, diplom, ýyllyk işleri ýerine ýetirilýär.

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň kemala gelmegi we berkemegi babatda edýän atalyk aladasy üçin, Gahryman Arkadagymyza,







Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden sag bolsun aýdýarys. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik bolsun, milli we umumadamzat bähbitli başlangyçlary elmydama rowaçlyklara beslensin!

***Jumamyrat GURBANGELDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň***
***Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory,***
***taryh ylymlarynyň kandidaty.***

*2010-njy ýylyň maý aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ilçihanasynyň we RWE kompaniýasynyň ýardam bermeginde institutda nemes dili kitaphanasy açyldy.*

*2015-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň hökümetiniň ýardam bermeginde institutda halkara gatnaşyklary ugrundan türk we iňlis dilindäki edebiýatlaryň baý goruny özünde jemleýän kitaphana açyldy.*

# INSTITUTYMYZYŇ 15 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANYLYP GEÇIRILEN OKUW SAPAKLARY

2023-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň döredilmegine 15 ýyl dolmagy mynasybetli Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet merkezinde BMG-niň Adam hukuklary baradaky Ýokary komissarynyň müdirliginiň milli maksatnamasynyň boýunça okuw sapagy geçirildi. Okuw sapagyny BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň maksatnama boýunça departamentiniň başlygy Röwşen Nurmuhammedow alyp bardy. Gyzykly maglumatlara baý bolan bu sapagyň dowamynda talyp ýaşlar Türkmenistanyň ulag diplomatiýasynyň ösüşi barada özlerini gyzyklandyrýan sowallar bilen halkara bilermenlere ýüzlenip, bu ugurdan takyk we giňişleýin jogap aldylar.





* * *

Şol gün Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda utgaşdyryjysy Ýelena Butowanyň hem-de institutymyzyň talyplarynyň gatnaşmagynda okuw sapagy geçirildi.

Okuw sapagynyň dowamynda hanym Ýelena Butowa talyp ýaşlara Türkmenistanda BMG-niň adam hukuklary boýunça ýöriteleşdirilen düzümleri bilen özara hyzmatdaşlygy has hem ösdürmek babatda alnyp barylýan işler barada gürrüň berdi.

* * *

Şol gün Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw Merkeziniň guramagynda «Ulag babatda Türkmenistanyň başlangyçlary esasynda BMG tarapyndan kabul edilen Kararnamalaryň ähmiýeti» atly tema hereket edýän Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw Merkezinde «Suw diplomatiýasy» ugry boýunça okuw sapagy geçirildi. Okuw sapagyny BMG-niň Çagalar Gaznasynyň (ÝUNISEF-iň) Türkmenistandaky wekilhanasynyň Bilim maksatnamasy boýunça hünärmeni Nazar Mämmedow alyp bardy. «Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we ekologiýa diplomatiýasy» temasyna bagyşlanan okuw sapagynyň dowamynda howanyň üýtgemegine we onuň netijelerine garşy göreşmekde dünýä ýüzünde alnyp barylýan işler barada gürrüň berildi.

Talyp ýaşlar üçin bu okuw sapagy diýseň täsirli bolup, olar özlerini gyzyklandyrýan sowallara giňişleýin jogap aldylar.

*«Ýaş diplomatyň sesi».*





# 15 YEARS OF THE NATIONAL SCHOOL OF TURKMEN DIPLOMACY

On March 20, 2023, a meeting was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan on the occasion of the 15th anniversary of the establishment of this higher education school. The meeting was attended by representatives of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, senior diplomats, professors and teachers of the Institute, graduate students and young students.

Over the past period, the structure of the higher education Institution has been further improved. Based on the decision of the President of Turkmenistan, a scientific-methodological center for sustainable development goals, a training center for important areas of Turkmenistan's diplomacy, a scientific center for strategic studies, a school for young diplomats and a digital systems and communication department were opened in the structure of the institute.

At the end of the conference, the participants expressed their sincere thanks to the National Leader of the Turkmen people, our Esteemed President for their concern for the formation and development of the National School of Turkmen Diplomacy. They wished that their hard work, aimed at the long-term future, would always be successful.

***Enejan ORAZMYRADOVA, Lecturer of the Department of World Languages of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

# КРУГЛЫЙ СТОЛ, ПОСВЯЩЕННЫЙ ПО ВОПРОСАМ РЕАЛИЗАЦИИ ЦУР В ТУРКМЕНИСТАНЕ

20 марта 2023 в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана был проведен круглый стол, посвященный вопросам реализации ЦУР в Туркменистане.

В круглом столе приняли участие Глава странового офиса Всемирной организации здравоохранения (ВОЗ) Егор Зайцев, Глава Офиса ЮНФПА Айна Сейитлиева, Глава Офиса Международной организации по миграции (МОМ) Тимур Досмаммедов, Региональный представитель Офиса Управления ООН по борьбе с наркотиками и преступностью (УНП ООН) Чары Атаев, Заместитель постоянного представителя Программы развития ООН (ПРОООН) Томице Паович, Заместитель Главы Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии (РЦПДЦА) Филип Сапрыкин, Заместитель представителя ЮНИСЕФ Александр Нартеа.



Модератор конференции «Круглый стол» – преподаватель Кафедры международных отношений и дипломатии Акмухаммет Джумагулыев.

Выступления экспертов на конференции было приурочено выполнению поставленных задач по Программе целей устойчивого развития.



Здесь же, участники мероприятия отметили, что создание Учебно-методического центра по целям устойчивого развития в Институте международный отношений МИД Туркменистана является еще одним результатом успешного сотрудничества между Правительством страны и системой ООН.

По завершении выступлений, участники круглого стола посетили Музей Института международный отношений МИД Туркменистана.

***Максат ХАЛМЫРАДОВ, студент II курса факультета Международных отношений Института международный отношений МИД Туркменистана.***

# DIPLOMATIÝAMYZYŇ MILLI MEKDEBINIŇ ÝETEN SEPGITLERI



Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň 2008-nji ýylyň 20-nji martynda çykaran Permany bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty döredildi. Ýurdumyzyň diplomatik gullugy üçin zerur bolan halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň öňünde goýlan esasy wezipe bolup durýar.

Bitarap Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň doly hukukly subýekti bolmak bilen, dünýä döwletleriniň içinde parahatsöýüji daşary syýasaty bilen giňden tanalýar. Parahatsöýüjilik syýasaty dünýä döwletleri bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň ilerlemegine ýakyndan ýardam edýär. Bu babatda TDIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty dünýä döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdepleri bilen birnäçe ähtnamalary, ylalaşyklary baglaşmak arkaly baý hukuk resminama goruny özünde jemleýär. Olardan institutyň açylan ilkinji ýyllarynda baglaşylan Horwatiýa Respublikasynyň Daşary işler we Ýewropa integrasiýasy ministrliginiň Diplomatik akademiýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnamany belläp geçmek bolar. Ýyllaryň dowamynda dünýä tejribesini ýurdumyzyň bilim ulgamyna giňden ornaşdyrmak maksady bilen, 2012-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň DIM-niň Diplomatik akademiýasynyň hem-de Ženewanyň syýasy howpsuzlyk merkeziniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama baglaşyldy. Şeýle hem, dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleri bilen ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek meseleleriniň çäklerinde 30-dan gowrak halkara resminamalar kabul edildi. Esasan-da, 2013 — 2019-njy ýyllarda dünýä döwletleriniň ýokary okuw mekdepleriniň 22-si bilen özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk etmek hakynda ähtnamalaryň hem-de ylalaşyklaryň baglaşylmagy, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň öňünde durýan wezipelerini kämilleşdirmekde we halkara tejribesini özleşdirmekde sazlaşykly hereket edýändiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

TDIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Gyrgyz Respublikasynyň, Ukrainanyň, Owganystanyň, Hindistanyň, Özbegistanyň, Palestinanyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Saud Arabystany Patyşalygynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Rumyniýanyň, Ermenistanyň, Kuweýtiň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Argentinanyň, Azerbaýjanyň, Tunisiň, Koreýa Respublikasynyň, Marokko Patyşalygynyň, Italiýanyň ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň arasynda baglanyşylan Ähtnamalar geljekki halkaraçy hünärmenleri taýýarlamakda özüniň hemmetaraplaýyn oňyn netijelerini berýär.

Soňky ýyllaryň dowamynda TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň işini kämilleşdirmek maksady bilen, alnyp barylýan işleriň aglaba böleginiň halkara hyzmatdaşlygy bilen utgaşýandygyny aýdyň görmek bolýar. Ylaýta-da, ýokary okuw mekdebiň diňe bir sebit döwletleri bilen däl, eýsem Ýewropanyň ösen ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmagy aýratyn bellärliklidir. 2021-nji ýylyň 11-nji fewralynda TDIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Ýewropanyň Mümkinçilikler we howpsuzlyk institutynyň arasynda kabul edilen özara düşünişmek hakynda Ähtnama muňa aýdyň mysal bolup durýar.

TDIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2022-2023-nji ýyllarda gazanan üstünlikleri institutyň Strategik barlaglar boýunça ylmy merkezi bilen Gazagystan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Daşary syýasy barlaglar boýunça institutynyň arasynda, institut bilen BAE-niň Anwar Gargaş adyndaky Diplomatik Akademiýasynyň arasynda, şeýle hem, Bahreýn Patyşalygynyň Muhammed bin Mubarak Al Halifa adyndaky Diplomatik bilimleri Akademiýasynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnamalary baglaşmagynda aýdyň ýüze çykýar.

Geçen ýyllaryň dowamynda daşary ýurt döwletleriniň ýolbaşçylarynyň birnäçesiniň türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde myhmançylykda bolup, türkmeniň adyny dünýä jemgyýetçiliginde galkan kimin gorajak ýaş diplomatlar bilen duşuşmagy, geljekki hünärmenleriň öz işlerine bolan höwesini, hyjuwyny artdyrýar. Bu gün 15 ýyllyk ýubileý toýuny uludan toýlaýan TDIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty türkmen jemgyýetine ýokary derejeli halkaraçy hünärmenleri taýýarlap bermekde ýakyndan ýardam edýär.

***Merjen DURDYÝEWA,***
***Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***

# INSTITUTYM — ÝAŞLYGYMYŇ ÖWÜŞGINI

***Talyplyk — ömrüň altyn çagy, ýaşlygyň bahary. Ýaşyň bir çene baranda-da, talyp döwürleriň, uçurym bolan okuw jaýyň ömrüň bir hoşasy bolup hakyda siňýändigi düşnükli zat welin, eýsem şol okuw jaýyň ilkinji uçurymy özüň bolsaň nähilikä?! Ine, şeýle ynsanlaryň biri — Daşary işler ministrliginiň Halkara guramalary bölüminiň 2-nji sekretary Döwlet ÇOTBAÝEW. Ol şu ýyl şanly 15 ýaş toýuny toýlaýan türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň ilkinji uçurymlarynyň biri hökmünde ýürek buýsançlaryny biziň bilen paýlaşdy.***

Ýaşlygyna garamazdan, kämil tejribe toplan diplomat hut şol gün agşam Türkiýe Respublikasynyň paýtagty Ankara şäherine iş saparyna gitmelidigini aýtdy. Söhbetdeşlige wagt tapandygy üçin hoşallyk bildirdim.

— Institutymyzy tamamlan uçurymlaryň köpüsiniň öz bilim ojagynyň goýnundan gitmek islemändiklerini özümizden ugur alyp aýdyp bileris. Çünki institutyň bize — ilkinji talyplaryna beren durmuşy sapaklary ömre barabar — diýip, Döwlet söze başlady.

Ol 2013-nji ýylda institutymyzy ýokary netijeler bilen tamamlap, ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň Halkara guramalary bölüminde zähmet ýoluna başlapdyr. Üç ýyl dürli wezipelerde zähmet çeken hünärine yhlasly diplomaty 2016-njy ýylda BMG-niň Ženewadaky ştab-kwartirasynyň ýanyndaky Türkmenistanyň hemişelik wekilhanasynda 3-nji sekretar wezipesine işe ugradýarlar. 2019-njy ýylda ol ýene ýurdumyza dolanyp, daşary syýasat edarasynda işe başlaýar.

***Döwlet, belki-de, diplomatiýany saýlamagyňyzyň aýratyn sebäbi bardyr?!***

— Orta mekdepde okaýarkam, iňlis, rus dillerine gyzyklanýardym. Rus dilinden dürli olimpiadalara, halkara ýaryşlaryna gatnaşýardym. Okuwçy wagtym daşary ýurtlarda geçirilen bäsleşiklere gidemde, diplomat bolmak arzuwy döredi. Şol ýurtlarda öz Watanymyň adyndan wekilçilik etmek islegi has-da möwjedi. 2008-nji ýylda Aýratyn zehinli çagalaryň Aşgabatdaky mekdep-internatyny tamamlanymda, arzuwymdaky institut açyldy. Şol ýylam talyp bolmak bagty maňa miýesser etdi.



***Institutymyz bilen bagly ýatlamalaryňyz barada hem aýdaýsaňyz...***

— Ýatlamalar-a kän. Gaty kän. Iň esasy ýatlamalaryň biri hökmünde aýdyp geçsem, 2011-nji ýylda institutymyzyň täze binalar toplumy açyldy. Açylyşa Gahryman Arkadagymyzyň özi geldi, maňa-da didarlaşmak nesip etdi. Şonda men Milli Liderimizi hem-de açylyşa gatnaşan myhmanlary institutymyzdaky okuw studiýasynyň işi bilen tanyşdyrypdym...

***Edil şol pursat söhbetdeşimiziň bir otagda bile işleýän işdeş ýoldaşy, Fransiýadaky Ilçihanamyzda dürli wezipelerde işlän diplomat Gadam Beşerow hem söhbede goşuldy.***

— Biz ol wagt institutyň 1-nji ýyl talybydyk. Instituta degişli goşlary köne binamyzdan täze binamyza özümiz göçüripdik. Şol günler hiç wagt ýadymdan çykmaz. Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi bize kämil ylym-bilim bilen birlikde, gyzykly ýatlamalary hem berdi — diýip, 2016-njy ýylda institutyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetini tamamlan Gadam Beşerow gürrüň berdi.

Halkara gatnaşyklarynda uly tejribe toplan söhbetdeşlerimiň berýän gürrüňleri diýseň gyzyklydy. Olaryň hemmesini ýazga geçiräýsek, gazetimiziň tutuş bir ýa iki sanyny dagy başgyşlamaly borduk. Döwlet Çotbaýewe sowal bilen ýüzlendim:

***Siziň pikiriňizçe, diplomatda nähili häsiýetler bolmaly?!***

— Özüňe ynamlylyk. Bu diňe diplomatiýada däl, hemme kärde şeýle. Diplomat güýçli psiholog hem bolmaly.

***Hünärini diplomatiýa bilen baglan geljekki diplomatlara berjek maslahatyňyz?***

— Iň birinji — hünäriňe höwes. Hemme zady başaryp bolar, haçan-da, höwesiň bolsa. Bu — iň esasy. Diplomatiýamyzyň taryhyny, meşhur diplomatlarymyzyň tejribelerini öwrenmeli. Köp okamaly. Dil öwrenmeli. Özem diňe gürleşip ýa-da şol dilde ýazyp bilýän derejede däl. Näçe köp üstüňde işleseň, şonça köp üstünlik gazanarsyň.

***Diýmek, diplomatyň dil bilimi çuň bolmaly-da?!***

— Elbetde. Diplomat, iň bolmanda, BMG-niň resmi dilleriniň birini kämil derejede biläýmeli. Tejribede görşümiz ýaly, diňe gürlemek ýeterlik däl. Şol diliň leksikasyna düşünmeli. Sebäbi halkara resminamalar taýýarlananda, resmi gepleşiklerde her bir söze, onuň aňladýan manylaryna, aýratyn-da, sözlemleriň habaryna uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa resminamanyň täsir edijilik güýjüni artdyrýar. Dil bilmek işiňi hem ýeňilleşdirýär. Dil — saňa üstünlik getirýän gural.

***Institutymyzyň ilkinji uçurymlarynyň biri bilen guralan söhbetdeşlikde diplomatik kämillik, dil öwrenmek bilen bagly başga-da, ençeme gyzykly maglumatlary ýandepderime belläp aldym. Tejribeli diplomatlaryň gürrüňleri institutymyza, hünärime bolan söýgimi has-da artdyrdy. Edil şol pursat şahyrlaryň biriniň okuw jaýyna bagyşlan şu setirleri aňymda gaýtalandy:***

*Bir mahal ýaşlygam düýnlere siňer,*
*Özem ol hoşlaşman aýrylar menden.*
*Men şonda ýaşlygyň ýelin küýsesem,*
*Sen öwşün atarsyň ýyllaň içinden.*

***Söhbetdeş bolan:***
***Atamyrat ÝAZWELIÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.***

*Institutymyz dünýäniň 25 ýurdunyň Diplomatiýa akademiýalary we halkara gatnaşyklary ugrunda hünärmenleri taýýarlaýan meşhur uniwersitetleri bilen özara hyzmatdaşlyk hakynda 28 sany resminama gol çekdi.*

*Institutyň uçurymlarynyň 149 sanysy ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň ulgamyna (27-si institutyň özünde) işe ugradyldy. Olaryň birnäçesi Diýarymyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynda we konsullyk edaralarynda zähmet çekýär.*